# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINE BAGYŞLANAN KONFERENSÝA NIÝETLENEN

## Türkmen edebiýatynda Magtymgulynyň poeziýa bazasy dokladynyň

## Tezisi:

Şu iş bir giriş we 2 bölümden ybarat. Ol Türkmenistanyň Ylymlar Akadeniasynyň Ş. Batyryow adyndaky Taryh Institutynda, “EÝRN TÜRKMENLERINIŇ MEDENIÝETINIŇ TARYHY” ady bilen 1991-njy ýylda başlanyp 1996-njy ýylyň Ýanwar aýynda Türkmenistanyň Ylymlar Akademiyasynyň Ýokary Sowetiniň agzalarynyň garamagynda goraldy. [1]

Işde görkezilen çeşmeler öz döwrüniň belli alymlarynyň tarapyndan öňe sürilen ideýalar esasynda Magtymguly Pyragynyň eserleriniň gatnaşygyny arap-pars edebiýaty bilen deňeşdirme tematikadan gurriň gitýär. Bu ýerde Magtymguly Pyragynyň arap–pars edebiyatlaryny näderejede çeperçilik bilen ulanyp bildi-kä?! – diýilen düşinje öňe surilýär.

Magtymgulynyň käbir goşgularynyň girizmedigi hakyndaky gurriň (ideýa) 2000-nji ýyllardan soň metbugat köpçiligine ýetirilip başlandy. Bu işiň ýazylan döwri bolsa, entäk bu edilýän gurriňler inteligentsiýa köpçiligine geçirilmändi. Ýagny senetli (dokumental) görkezilen iş ýokdy. Ikinji bir tarapdan  Magtymgula salgylanylýan “ San bolsam” goşgysy diňe bir Türkmenistanda çykan eserlerinde däl-de, eýsem daşardaky türkmen köpçiliginiň arasynda-da Magtymguly Pyragynyň eseri hökmünde žurnal-gazýetlerde ýaýran wariant. Olar işde görkezilýär.

---

[1] . “ ***Eỳran türkmenleriniñ medeniỳetiniñ taryhy*** ” ady bilen göỳberiljek dissertasiỳa, 1991-nji ỳyldan başlanyp 1996-njy ỳylyñ yanwar aỳynda Türkmenistanyñ ylymlar Akademỳasynyñ Ş. Batyrow adyndaky Taryh Institutynda, Türkmenistanyñ academigi professor Myrat Annanepesoviñ ylmy ỳolbaşçylygynda, Turkmenistanyñ ylymlar Akademyasynyn Ş. Batyrow adyndaky Taryh Institutynyn direktori, Atamammedov Nury Weliyewiçing direktorlig hem ỳobaşçylygynda, Türkmenistanyñ Bilim Ministery we Türkmenistan Ylymlar Akademyasynyñ Yokary Attestatsion Komissyasynyñ yolbaşçy agzasy Karayev Erjepdurdy Karayewiçyñ alyp barmagynda we Türkmenistanyñ Ỳokary Ylmy Sowet agzalary hem beỳleki alymlar; Türkmenistanyñ filologiỳa we edebiỳat ylymlarynyñ professory Nurmuhammet Aşyrpur Meredow, Eỳran türkmenleriniñ lidry Welimuhammet Ahun Arzaneş ... huzurynda, Türkmenistan Ylymlar Akademyỳasynyñ Ş. Batyrov adyndaky Taryh Institutynyñ ylmy işgäri sayskatel  Hangeldi Ownuk Arazgeldi ogly tarapyndan ylymlaryñ kandidaty diýen derejesini almak üçin goraldy. LINK

Bu işiň II Bölümi edebi metodiki häsiýetde derňelen **“Eýranyň gadymy edebi çeşmeleriniň Magtymgulynyň döredijiligine täsiri”** hakynda gürriň gitýär.

Gadymy türki (türkmen) edebiýatynda-da durnuklaşan çeperçilik (goşgy formalary) bolşy ýaly, bu ölçeg-formalar pars edebiýatynda-da bir meňzeş ulanylypdyr. Bu ýerde goşgynyň ölçeg-formalary babatda gürriň gitýär. Iki edebiýatyň deňeşdirme tematikasynda Magtymguly Pyragynyň bilim derejesi barha ýokarylanýar. Ikinji bir tarapdan bu deňeşdirme tema ýazylan döwri Garaşsyz Türkmenistanyň Ýokary Okuw jaylarynyň Talyplary gözöňüne tutulyp berildi.

III bölüm ýokarda görkezilen işden daşary. Ol, Magtymguly Pyragynyň döredijiligine romantismiň näderejede öz täsirini ýetirendigi hakynda gürriň gitýär. Bu ýerde iki döwriň pelsepewý garaýyşlarey babatda anyk mysal bilen hakykayň üstini açmak isleýän düşünjä gulluk edilýär. Ol hazirki döwriň realizmi hökmünde çykyş edýär. Bu ýerde Magtymguly Pyragynyň “Name sen?” atly goşgusy bilen häzirki döwriň “Nazira” görnüşinde “Ol menem! (Hakykat)” atly goşguda görkezilýär. ...

Dr. H. Ownuk - Toronto